**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY**
**TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY**

**«TASSYKLAÝARYN»**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň**
**rektory__________M.Çaryýew**
**«__21__»_____ýanwar______2026 ý.**

**Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň**
**XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda "Türkmen dili" dersi boýunça**
**II olimpiadyny guramak we geçirmek barada**
**DÜZGÜNNAMA**

## I. Umumy düzgünler

1.1. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda "Türkmen dili" dersi boýunça II olimpiadany (mundan beýläk Olimpiada) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň maksatlaryny, wezipelerini we tertibini kesgitleýär;

1.2. Olimpiada Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň goldawy bilen Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan geçirilýär;

1.3. Guramaçylyk, usulyýet we tehniki üpjünçiligi utgaşdyrmak Olimpiadanyň guramaçysy tarapyndan alnyp barylýar.

## II. Olimpiadanyň maksatlary

2.1. "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyndan" gelip çykýan wezipeleri amala aşyrmak;

2.2. Okuwçylaryň nazary we amaly bilimlerini berkitmek we kämilleşdirmek;

2.3. Okuwçylarda türkmen dilini öwrenmäge bolan höwesi artdyrmak we olary hünär saýlamaga ugrukdyrmak;

2.4. Garaşsyz Watanymyza, mähriban halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ýiti zehinli, ukyply we başarjaň ýaşlary ýüze çykarmak hem-de ýurdumyzda dil bilimini we edebiýaty öwretmegiň hilini ýokarlandyrmak.

## III. Olimpiadanyň wezipeleri

3.1. Umumybilim berýän orta mekdepleriň okuwçylarynyň türkmen dili boýunça bilim derejelerini barlamak;

3.2. Türkmen edebi diliniň dürs ýazuw we dogry sözleýiş kadalaryny talabalaýyk ulanyp bilmek başarnyklaryny ösdürmek we kämilleşdirmek;

Сканировано с CamScanner

3.3. Sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleri bilen umumybilim berýän orta mekdepleriň özara aragatnaşygyny pugtalandyrmak;

3.4. Bilim bermegiň hil derejesini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda ders bäsleşiklerine gatnaşýan okuwçylaryň ýokary derejede taýýarlygyny gazanmak;

3.5. Mekdep okuwçylarynyň intellektual ösüşi bilen bagly hünär saýlamaklaryna oňyn şertleri döretmek.

## IV. Guramaçylyk topary

4.1. Guramaçylyk toparynyň düzümine toparyň başlygy, kätibi we agzalary girýär;

4.2. Olimpiadanyň geçiriliş tertibini, möhletini, gatnaşyjylaryň we ýeňijileriň sanawyny kesgitleýär;

4.3. Türkmenistanyň Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, welaýat bilim müdirlikleriniň, şäher we etrap, şäher bilim bölümleriniň, umumybilim berýän orta mekdepleriň wekilleri bilen Olimpiadany guramaçylykly geçirmek boýunça aragatnaşyk saklaýar.

## V. Olimpiada gatnaşyjylar

5.1. Olimpiada Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylary gatnaşýar;

5.2. Gatnaşyjylaryň sany çäklendirilmeýär;

5.3. Olimpiada gatnaşmak meýletin we tölegsiz esasda amala aşyrylýar;

- Olimpiada gatnaşmaga isleg bildirýän okuwçy 2026-njy ýylyň 12-nji fewralyna çenli hasaba alynmaly. Munuň üçin umumybilim berýän mekdebiň müdiri Olimpiada gatnaşmak isleýän okuwçylarynyň sanawyny Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň resmi internet saýtynda **datmddi.edu.tm** ýerleşdirilen *Gatnaşyjyny hasaba alyş maglumatyny* ýükläp almaly (1-nji goşundy) we görkezilen tertibe laýyklykda Excel formatda dolduryp, elektron görnüşinde 2026-njy ýylyň 12-nji fewralynda (soňky gün) sagat 18:00-a çenli Olimpiadanyň Guramaçylyk toparynyň **olimp.turkmendili2025@gmail.com** elektron salgysyna ugratmaly;
- Soralýan ähli maglumatlar anyk we dogry görkezilmeli;
- Gatnaşyjynyň hasaba alnandygy baradaky maglumat we hasaba alnan belgisi 24 sagadyň dowamynda gatnaşyjynyň mekdebiniň elektron salgysyna ugradylýar;
- Hasaba alyş Olimpiadanyň institutyň resmi saýtynda **datmddi.edu.tm** yglan edilen gününden başlanýar;
- Hasaba alnan okuwçylaryň 2026-njy ýylyň 14-nji fewralynda geçirilýän Olimpiadanyň I tapgyryna gatnaşmagyny üpjün etmek üçin degişli mekdebiň müdiri jogapkärçilik çekýär;

## VI. Olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

6.1. Olimpiada 2 tapgyrda geçirilýär;

6.2. I tapgyr Internetiň üsti bilen “Türkmen dili” dersi boýunça düzme ýazmak görnüşinde 2026-njy ýylyň 14-nji fewralynda aşakdaky tertipde geçirilýär:

- 2026-njy ýylyň 14-nji fewralynda sagat 14:00-da institutyň resmi internet

Сканировано с CamScanner

saýtynda **datmddi.edu.tm** düzmäniň temasy yglan edilýär;

- her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça düzme ýazmaly;
- ýazylan düzme şeýle işlerden edilýän talaplara (2-nji goşundy) doly laýyk gelmeli;
- düzmäni ýazmak we ony Guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 180 minut (3 sagat) wagt berilýär;
- berlen wagtdan (14.02.2026; 17:00) gijä galyp ugradylan işler Guramaçylyk topary tarapyndan kabul edilmeýär;
- Olimpiadanyň I tapgyrynyň netijeleri we II tapgyra geçen okuwçylaryň sanawy 2026-njy ýylyň 4-nji martynda institutyň resmi internet saýtynda **datmddi.edu.tm** yglan edilýär.

6.3. Olimpiadanyň II tapgyry 2026-njy ýylyň 14-nji martynda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Gündogar dilleri we edebiýaty fakultetiniň binasynda aşakdaky tertipde geçirilýär:

- I tapgyrda iň ýokary netije görkezen 25 okuwçy olimpiadanyň II tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanýar;
- II tapgyr 2026-njy ýylyň 14-nji martynda sagat 10:00-da institutyň Sanly bilim portalynda "Türkmen dili" dersleri boýunça test görnüşinde geçirilýär;
- gatnaşyjy türkmen dilinde sözleýşiň okamak, diňlemek we düşünmek görnüşleri arkaly türkmen diliniň ähli bölümleri boýunça 10 ýumuşdan ybarat bolan testi ýerine ýetirmeli. Onuň üçin 90 minut wagt berilýär;
- gatnaşyjy testi özbaşdak ýerine ýetirmeli;
- her bir gatnaşyja testi geçmek üçin bir gezek mümkinçilik berilýär;
- testi geçmegiň netijesinde gazanylan ballar Olimpiadanyň I we II tapgyrynyň jeminiň esasynda awtomatik usulda hasaplanylýar.

## VII. Ýeňijileri yglan etmek we sylaglamak

7.1. Guramaçylyk topary II tapgyryň netijeleri boýunça Olimpiadanyň ýeňijilerini kesgitleýär;

7.2. Olimpiadanyň ýeňijileri Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Diplomy we ýadygärlik sowgatlar, olary taýýarlan mugallymlar institutyň Hormat haty bilen sylaglanýar hem-de olaryň sanawy institutyň resmi internet saýtynda yglan edilýär.

Habarlaşmak üçin: **olimp.turkmendili2025@gmail.com**

Gurbangül Myradowa: +99365611278

Сканировано с CamScanner

**Bäsleşikde hödürlenjek barlagnamalary düzmek üçin peýdalanylan edebiýatlar**


1. Serdar Berdimuhamedow. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.
2. Serdar Berdimuhamedow. Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet. – Aşgabat: TDNG, 2024.
3. Serdar Berdimuhamedow. Magtymguly – dünýäniň akyldary. – Aşgabat: TDNG, 2024.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet guşy. – Aşgabat: TDNG, 2013.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat: TDNG, 2020.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. – Aşgabat: TDNG, 2018.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmen alabaýy. – Aşgabat: TDNG, 2019.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Atda wepa-da bar, sapa-da. – Aşgabat: TDNG, 2019.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – bitaraplygyň mekany. – Aşgabat: TDNG, 2020.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ömrümiň manysy. – Aşgabat: TDNG, 2022.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ömrümiň manysynyň dowamaty. – Aşgabat: TDNG, 2023.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Hakyda göwheri.– Aşgabat: TDNG, 2024.
13. Türkmen diliniň düşündiriliş sözlügi. – Aşgabat: TDNG, 2016.
14. Allakow J., Sadykow T., Mustakow R. Edebiýat. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň X synpy üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2018.
15. Allakow J., Sadykow T., Mustakow R. Türkmen edebiýaty. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synpy üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2014.
16. Azymow P., Akbäbäýew A., Atanyýazow S., Çaryýew M., Weýisow B. Türkmen dili. VIII synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2016.
17. Azymow P., Akbäbäýew A., Atanyýazow S., Çaryýew M., Weýisow B. Türkmen dili. IX synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2021.
18. Baýjanow B. Türkmen dili. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň VII synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2019.
19. Berdiýew B., Gulbaýew G., Kürenow S. Türkmen dili. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň V synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2017.
20. Geldiýew G., Mämmetgurbanow M. Edebiýat. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň VIII synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2020.
21. Güjükow S., Sähedowa K. Türkmen dili. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň VI synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2018.
22. Küllekow Ş., Kuwadow A., Ýaýlymowa A. Edebiýat. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň VII synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2019.
23. Paýhas çeşmesi. TDNG, – Aşgabat 2016, 285 sah.
24. Şyhnepesow A. Edebiýat . Umumy orta bilim berýän mekdepleriň IX synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2021.


Сканировано с CamScanner

25. Weýisow B., Babaýewa G. Türkmen dili. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň X synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2022.
26. Weýisow B., Babaýewa G. Türkmen dili. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synp üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2014. (XII synp okuwçylary üçin test taýýarlananda hem şu okuw kitabyndan peýdalanyldy).

Сканировано с CamScanner

**1-nji goşundy**

**Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda "Türkmen dili" dersi boýunça II olimpiada**

**Gatnaşyjyny hasaba alyş maglumaty**

| T/b | Okuwçynyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Doglan güni, aýy, ýyly | Bilim alýan orta mekdebiniň salgysy | | | Okaýan synpy | Okuwçyny olimpiada taýýarlaýan mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Işleýän ýeri we wezipesi | Okuwçynyň telefon belgisi | Mugallymyň telefon belgisi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Welaýat | Etrap/ şäher | Mekdep belgisi | | | | | |
| 1. | Ataýew Ata Ataýewiç | 05.04.2008 | Daşoguz | Şabat ş. | 43 | 12 | Atažanowa Gulistan Babamuratowna | 43-nji orta mekdebiň türkmen dili we edebiýat mugallymy | 99361111111 | 99361222222 |
| 2. | Meredow Meret Meredowiç | 04.05.2009 | Daşoguz | Şabat ş. | 43 | 11 | Sapaýazow Ilham Ikramowiç | 43-nji orta mekdebiň türkmen dili we edebiýat mugallymy | 99363333333 | 99361222222 |
| 3. | | | | | | | | | | |
| 4. | | | | | | | | | | |
| 5. | | | | | | | | | | |

**Mekdebiň elektron poçtasynyň salgysy:** ____________

Bellik:

1) Gatnaşyjyny hasaba alyş maglumaty, mümkin boldugyndan Excel formatda doldurylmaly.
2) Gatnaşyjynyň hasaba alyş maglumaty 12.02.2026ý. senede sagat 18.00-a çenli kabul edilýär, maglumat olimp.turkmendili2025@gmail.com salga ugradylmaly.
3) Hasaba alyş Olimpiadanyň institutyň resmi saýtyndan **datmddi.edu.tm** yglan edilen gününden başlanýar.

Сканировано с CamScanner

**2-nji goşundy**

**Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda "Türkmen dili" dersi boýunça II olimpiada**

**I tapgyrda türkmen dili boýunça ýazylýan düzmeden edilýän talaplar**

1. 2026-njy ýylyň 14-nji fewralynda sagat 14.00-da Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň resmi internet saýtynda **datmddi.edu.tm** düzmäniň temasy yglan edilýär.
2. Her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça düzme ýazmaly.
3. Düzme her bir gatnaşyjy tarapyndan özbaşdak ýazylmaly.
4. Düzme öň hiç ýerde çap edilmedik we hiç ýerden göçürilmedik bolmaly; emeli aňyň mümkinçiliklerinden peýdalanmaly däl; başga awtorlaryň işlerinden ulanylan bolsa, salgylanmalar bilen bellenmeli.
5. Düzmäniň söz sany 250 sözden az we 350 sözden köp bolmaly däl (düzmäniň ady söz sanyna girmeýär).
6. Düzme ***Times New Roman*** şriftde, **14 pt** ölçegde ýazylmaly, sahypanyň inine deňleşdirilmeli we **.doc** ýa-da **.docx** görnüşde ýatda saklanylmaly.
7. Faýlyň ady gatnaşyjynyň hasaba alnyş belgisi we familiýasy (Guramaçylyk topary tarapyndan özüňize ugradylan hasaba alnyş belgiňiz, ýagny **1001_Ataýew Ata**) görnüşinde ýatda saklanmaly.
8. Düzme ýazmak we ony Guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 180 minut (3 sagat) wagt berilýär.
9. Düzme mazmuny, pikiriň beýan edilişiniň yzygiderliligi, türkmen edebi diliniň ýazuw kadalarynyň berjaý edilişi boýunça bahalandyrylýar.
10. Düzme 2026-njy ýylyň 14-nji fewralynda sagat 17.00-a çenli Guramaçylyk toparynyň garamagyna olimp.turkmendili2025@gmail.com elektron salga ugradylmaly.
11. Görkezilen wagtdan (14.02.2026; sagat:17.00) gijä galan ýa-da berlen şertlere laýyk gelmeýän işler bäsleşige goýberilmeýär.

Сканировано с CamScanner